# Algymdan umyt üzdüm welin…

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Algymdan umyt üzdüm welin…

ALGYMDAN UMYT ÜZDÜM WELIN, ADAMLARA BOLAN YNAMYMY DÖWENLERIÑ WYŽDANY SYZLAÝARMYKA?

Gadym zamanlarda bir baba bolupdyr. Ol her gün agşam ýaşaýan şäheriniň meýhanalaryndan bir gijeki içiljek şeraplary satyn alyp, ýeňles gylykly we tenini satyp gün görýän zenanlaryň günde biri bilen wagtyny geçirer eken. Günleriň bir güni bu baba ýogalypdyr. Ol pahyr ölende ony depin etmäge, jynazasyna hiç kim gelmändir. Sebäbi düşnükli: baba dirikä agşamlaryny gazanjasyna şerap alyp içip, jelepler bilen wagtyny geçirýän biridi. Ýöne garaşylmadyk bir zat bolup geçýär. Ylahy hikmet bilen bu babany Arşdan perişdeler inip depin edýärler, jynazasyny perişdeler okaýar. Halk hiç zada düşünmän galýar. Soňra munuň anygyna ýetmek islänler onuň öýüne ýelk ýasaýarlar we yzynda galan garryja aýalyndan baba barada jikme-jik soraýarlar. Görseler, baba pahyr gün odun satyp, ýükçülik edip gazanan pullaryna şäheriň jalataýlarynyň bir gijede içjek şeraplaryny meý satylýan dükanlardan satyn alyp, olara içere meý goýmaýan eken, äkidibem zibilhana döküän ekeni. Tenini satýan zenanlaryň günde birini bolsa olaryň bir gijede bozuklyk edip gazanjak pullaryny eline berip, olary daňa çenli haram iş etmekden saklaýar eken, özüne bolsa daň atýança Gurhan okap beripdir, gowy wagyzlary edipdir. Şeýdibem dogry ýola düşüp giden bozuk aýallar gaty kän bolupdyr. Onuň gizlinlik bilen edýän işinden hiç kimiň habary ýok eken… Men bir gezek bu babanyň ýörelgesini tejribe edip görmek isledim. Geçen ýyl şu wagtlarrakdy. Awtobusda işe barýardym. Ýaşy kyrkdan geçen bir gelin awtobusdan düşemde olam düşdi we pyýadalap on minuda golaý geçen ýolumyz birräk düşdi. Gepiň keltesi, men onuň bozugrak aýaldygyny şobada-da aňdym. Emma ýaňky aýdyşym ýaly babanyň tejribesini özümçe ulanyp görmek

isledim. Ol aýalyñ hereketleri mañzyña batmaýanam bolsa, kireýine ýaşaýan jaýynyñ eýesiniñ jaý puluny gymmatladandygyny, özüniñem häzir işsiz galandygyny, alty çagasynyñ bardygyny we ş.m… sosial muşakgatlaryny ýagdyrdy. Asyllysyrap gürlese-de hapa-paýyş sözleri gepleriniñ arasynda utanman aýdyp goyberişindenem onuñ garadan gaýtmazdygyny we bozuklyk etmek üçin bähbit arap etmejek zadynyñ yokdugyny arkaýyn duysa bolyardy. Ol bu bolşuny-da duypli esasa, agyr durmuşa baglayardy. Şeýdibem men oña gyşyk hereket etmezligi maslahat berdim we telefon nomerini alyp öyume geldim. Öydaki keywanym bilen maslahatlaşyp oña komek etmegi makul bildik (ayalymam menden beter ýüregi ýuka). Ynha ol, bir gunem gecirmedi. Agşam elime jañ edaydi: "Ay pylanjan, jaýyñ eyesi, kirey puluny bir ay oñunden alyp gitdi, menem natjegimi bilman bir tanşyma telefonymy girewine goyup pul alyp berdim. Indem bir telefon gotermesem bolmaya. Garyndaş doganam jañ edip dur. Gayrat et telefon satyan tanşyñ bolsa karzyna alyp berayda, edil tegelek bir aydanam puluny berjekdirin" diyip aglamjyrap bašlady. Ayalyma geñeşdim welin olam: "ay komek etseñ et, bozuklyk edip birinden alandan senden alsyn, soñ berer-da yzyna. Sogabymyz bolar" diydi. Huday bersin sogabyny…. Alaryny bilseler buwagt günäsini rowa goryami adamlar.. Bir ay beyle-de dursun. Bir ýyl gecdi yzyndan… "Edil bir aydan bererin, yuzugara etmen, meni sylany Alla sylasyn" diyip bir ay geçyança gün yrman maña we ayalyma jañ edip duran ayal ikilenji aya gecildi welin jañ etmesini goydy, üçulenji aya geçilende jañ edilende almasyny goydy…. Indem 12-lenji aý… Menem gurlyşykda işlap, aýlygma oñup ýöreniñ biri. Onuñ tanşymdan arada durup alyp beren telefonymyñ bahasy bolsa kone puldan 3 million manat (oz girewine goyan telefony 500 dolllarlyk eken). Ayalym ikimiziñ goteryan telefony ikisiniñ bahasy 1, 5 milliona yetenok. El telefon çykaly bärem şu telefony goterip yörüs…

Ahyr çydaman sms yazyp ugradym. Puluny bar-da üzlüş magazin bilen diyip. Huday bersin.. Gaytam ozume sms yazya, hamymy alaymasañ üzlüşmage zadym yok diyip. Ahyr tanşyma aylygymdan ozum akidip sanapjyk berdim. Şol wagt babejigmiziñem yañja

bolan wagtydy. Çagajyk ejesiniñ suydini emman bay kösap bilendir-ä… Aýlykdan "Nestogen" almaga gysylyp otyran halymyza o dünyasini satan bir haramhoryñ alyna çolaşyšymyza aýalym ikimiziñ janymyz ýanyp gutaranokdy… Yatlasak gaharymyza biri-birimize igenşip başlayadyk… Ol-a şol 3 mln-lyk telefon bilen millioner bolmaz, menem yer urup yerde galan garyp, ýöne gowy niyet bilen eden komegimiñ yuzune tuykurip giden şol ayaldan welin iki dunyade-de razy däl…
Öñem biri atly çölüñ içinden baryan eken. Yolda agsak biri duş gelyar. Ol oña dozmän atyna mundurjek bolsa, at ikimize uzak yola yaramaz, gezekleşip munayeli diyyär. Atly pahyr oña ynanyar, agsagyñ munmeli gezegi gelen-de, ol namartlyk edäge-de atyñ biline urya gamçyny… Şonda aldanan biçäre: "Wah atymam atymdyr welin, meniñ adamlara bolan ynamymy döwdüñ-dä.. Indi hiç kim ýolda galan bendä komek edesi gelmez" diyipdir. Men hem bu atly bendäniñ bolşy yaly indi hakykatdanam kömek etmäge mätäç we kömek edaymeli adamlara-da ynamsyzlyk bilen garamalymyka? Bular yaly aldawçy kezzaplaryñ müñlerçe kömege mätäçlere ediljek kömegiñ öñüne bowet basyandyklaryndan habarlary bir barmyka? Adamlaryñ arasyna ynamsyzlyk tohumyny ekyan şeyle adamlaryñ şeytandan name tapawudy bar?

(Adyny mälim etmek islemedik okyjymyz).

Jemgyýetçilik tankydy